# «Iň gowy günlerim şeýle gün bolar…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Iň gowy günlerim şeýle gün bolar…" «IŇ GOWY GÜNLERIM ŞEÝLE GÜN BOLAR…»



Iň gowy günlerim şeýle gün bolar –
Ýetimiň başyny sypalan günüm,
Sogabym agralyp, günämi ýuwar,
Öňküsine görä uzalar ömrüm.
Iň bagtly günlerim şeýle gün bolar –
Söýgimi saýalap maşgala gursam,
Ýüregimde gelnim, kalbymda dinim,
Gujagymda bolsa çagalam bolsa.

Iň buýsançly günüm şeýle gün bolar –
Ýyllar bir-birine seplenip geçse,
Dünýäde ýetmedik arzuwlaryma

Uly ynam bilen çagalam ýetse.

Iň sowuk günlerim şeýle gün bolar –
Terk etse dünýäni enem hem atam…
Meň ahymdan mümkin dowzah hem sowar,
Şeýle gün dogmasyn, bolmasyn, Allam!

Iň dowamly günüm şeýle gün bolar –
Bir gün ajal gelse, Gün ýaly batsam,
Razy bolup ykbalymdan, ömrümden,
Şu toprakda süýnüp, arkaýyn ýatsam. Goşgular